# Söýlemezlik harjysy söýlemegiň hasydyr…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýlemezlik harjysy söýlemegiň hasydyr…



Söýlemezlik harjysy söýlemegiň hasydyr,
Söýlemegiň harjysy köňülleriň posudyr.
Köňülleriň posuny ýuwuban gidirmäge,
Şol sözi söýlegil kim sözüň hulasasydyr.

Sözi dogry diýene «Kulyl hak!» diýdi Çelep,
Bu gün ýalan söýleýen erte utanasydyr.

Jümle ýaradylmyşa bir göz ile bakmaýan,
Şergiň öwliýäsi ise hakykatda asydyr.

Şerigat habaryny şerh ile aýdam, eşit,
Şerigat bir gämidir, hakykat derýasydyr.

Ol gäminiň tagtasy her niçe mäkäm ise,
Deňiz möwji gatalsa, tagta uşanasydyr.

Mundan içri habar eşit, aýdaýyn, eý, ýar,
Hakykaty kapyry şergiň öwlüýäsidir.

Biz talyplardyrys, yşkyň sapagyn okarys,
Taňry berer sapagy, yşk hut müderrisidir.

Öwlüýä sapa nazar edeli günden bäri,
Hasyl oldy Ýunusa her ne ki olasydyr.

---

*Kulyl hak – hak sözlän, dogry sözlän.* Goşgular